Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 15

## „ASSOSIRLENEN KÄRHANALARA MAÝA GOÝUMLAR“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler.......................................................................1
Kesgitlemeler.............................................................................2
Degerli täsir.............................................................................3-5
Paýly gatnaşmak boýunça usuly ulanmak......................................6-20
Gymmatyň gaçmagy..............................................................21-23
Maglumaty açmak ...................................................................24-25
Güýje girýän senesi ......................................................................26

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standart assosirlenen kärhanalara goýulýan maýa goýumlaryny hasaba almak üçin ulanylýar, ilkibaşda ykrar edilende peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän topara degişli edilen ýa-da söwda üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen maýa goýumlary muňa girmeýär. Şunuň ýaly maýa goýumlaryna "Maliýe gurallary" maliýe hasabatlylygynyň milli standartyna laýyklykda adalatly gymmaty boýunça baha berilmelidir.

## KESGITLEMELER

2. Şu standartda aşakdaky adalgalar görkezilen manylarynda ulanylýar:

**Assosirlenen kärhana –** maýa goýumçynyň uly täsiri bar bolan, ýöne maýa goýumçynyň golçur kärhanasy hem, bilelikdäki işi hem bolup durmaýan kärhana.

**Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy –** ykdysady subýektleriň toparynyň ýeke-täk ykdysady subýektiň maliýe hasabatlylygy hökmünde berlen maliýe hasabatlylygy.

**Gözegçilik -** kärhananyň işinden peýda almak maksady bilen, onuň maliýe we amallar syýasatyny kesgitlemek hukugy.

**Paýly gatnaşma usuly –** hasaba alyş usuly bolup, onda ilkibaşda ykrar edilende maýa goýumlara özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilýär, soňra

olaryň gymmaty satyn alnandan soň maýa goýumlaryň obýektiniň arassa aktiwlerinde maýa goýumçynyň paýynyň üýtgemegini hasaba almak bilen düzedilýär. Maýa goýumçynyň peýdasy ýa-da ýitgisi maýa goýumçynyň maýa goýum obýektiniň peýdasyndaky we ýitgisindäki paýyny öz içine alýar.

**Bilelikdäki gözegçilik** - şertnamada görkezilen, ykdysady işe gözegçiligiň bölünişi, bilelikdäki gözegçilik diňe strategik maliýe we amallar baradaky çözgütler bu ykdysady işe bilelikde gözegçilik edýän (ýagny, bilelikdäki işe gatnaşyjy) ähli taraplaryň biragyzdan goldamagyny talap edýän ýagdaýynda bolup biler.

**Aýratyn maliýe hasabatlylygy –** düýp kärhana, assosirlenen kärhananyň maýa goýumçysy ýa-da bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň gatnaşyjysy tarapyndan düzülýän maliýe hasabatlylygy, onda maýa goýumlary maliýe netijeleri barada hasabatda görkezilenleriň we maýa goýum obýektleriniň arassa (sap) aktiwleriniň esasynda däl-de, maýadaky gönüden-göni paýyň esasynda hasaba alynýar. Golçur kärhanasy, assosirlenen kärhanasy we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanada gatnaşma paýy bolmadyk kärhananyň maliýe hasabatlylygy aýratyn maliýe hasabatlylygy bolup durmaýar. Şu standarta laýyklykda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermekden boşadylýan düýp kärhana aýratyn maliýe hasabatlylygyny we jemleýji maliýe hasabatlylygyny berip biler.

**Degerli täsir –** bu kärhananyň maliýe we önümçilik syýasaty boýunça çözgütleriniň kabul edilmegine gatnaşmak mümkinçiligidir, ýöne bu syýasata gözegçilik etmek däldir. Degerli täsiri paýçy hökmünde eýelik etmegiň kömegi bilen, tertipnama boýunça ýa-da ylalaşyk boýunça gazanyp bolar.

**Golçur kärhana –** düýp kärhana diýlip atlandyrylýan beýleki kärhana tarapyndan gözegçilik edilýän kärhana.

## DEGERLI TÄSIR

3. Eger maýa goýumçy göni ýa-da gytaklaýyn (mysal üçin, golçur kärhananyň üsti bilen) maýa goýum obýektiniň ses bermäge hukugy bolan paýnamalarynyň azyndan 20%-ne eýelik edýän bolsa, bu, onuň tersine bolan ýagdaýyna aýdyň subutnama ýok wagtynda, maýa goýumçynyň degerli täsiriniň bardygyny aňladýar. Beýleki maýa goýumçy tarapyndan paýnamalaryň iri ýa-da gözegçilik edilýän bukjasyna eýelik edilmegi maýa goýumçynyň degerli täsiriniň bolmagyny hökmany suratda aradan aýyrmaýar.

4. Maýa goýumçy tarapyndan degerli täsiriň bolmagy adatça, aşakda sanalyp geçilen usullaryň biri ýa-da birnäçesi bilen tassyklanylýar:

a) direktorlar geňeşinde ýa-da şonuň ýaly ähmiýeti bolan maýa goýum obýektlerini dolandyrýan edarada wekilçilik etmek;

b) diwidendlere ýa-da beýleki paýlamalara degişli çözgütleriň kabul edilişine gatnaşmagy goşmak bilen, syýasaty işläp taýýarlamak işine gatnaşmak;

ç) maýa goýumçy bilen maýa goýum obýektiniň arasynda iri amallaryň bolmagy;

d) dolandyryş işgärlerini alyşmak;

e) wajyp tehniki maglumatlary bermek.

5. Kärhana şu maýa goýum obýektiniň maliýe we amal syýasatynyň meselelerinde çözgütleri kabul etmäge gatnaşmak mümkinçiligini ýitirmek bilen bilelikde maýa goýum obýektine degerli täsirini hem ýitirýär. Degerli täsir eýelik etmegiň doly ýa-da barabar derejesinde üýtgetmeler bolanda hem-de şunuň ýaly üýtgetmeler bolmadyk ýagdaýynda ýitirilip bilner. Assosirlenen kärhananyň döwlet tarapyndan, kazyýet, dolandyryş ýa-da düzgünleşdiriji edara tarapyndan gözegçilik obýekti bolan halatynda hem täsir ýitirilip bilner. Bu ýagdaý şertnamalaýyn ylalaşygyň netijesinde hem bolup geçip biler.

## PAÝLY GATNAŞMAK BOÝUNÇA HASABA ALYŞ USULYNY ULANMAK

6. Assosirlenen kärhanalara goýulýan maýa goýumlary paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmak bilen hasaba alynmalydyr, şu ýagdaýlar muňa girmeýär:

a) şunuň ýaly maýa goýumy "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" milli standartyna laýyklykda ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen bolsa;

b) assosirlenen kärhana maýa goýumy goýan düýp kärhana jebisleşdirilen maliýe hasabatlylygyny bermezlige mümkinçilik berýän kadadan çykma ulanarlykly bolsa;

ç) aşakda sanalyp geçilýänleriň ählisi ulanarlykly bolsa:

beýleki kärhananyň doly ýa-da bölekleýin eýeçiliginde bolan golçur kärhananyň maýa goýumçy bolup çykyş edýän wagtynda we beýleki eýeleriň, şol sanda başga ýagdaýlarda ses bermäge hukugy bolmadyklaryň hem habarly edilen we maýa goýumçynyň paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmagyna garşy däl bolan halatlary;

maýa goýumçynyň bergi ýa-da paý gurallarynyň açyk bazarda (içerki ýa-da daşary ýurtlaryň gazna biržasynda ýa-da ýerli we sebitlerdäki bazarlary goşmak bilen, biržadan daşary bazarlarda) dolanyşykda bolýan ýagdaýlary;

soňundan gurallaryň haýsydyr bir derejesini açyk bazarda dolanyşyga çykarmak maksady bilen, maýa goýumçynyň gymmatly kagyzlar boýunça topara ýa-da beýleki bir düzgünleşdiriji edara özüniň maliýe hasabatlylygyny bermedik ýa-da bermäge taýýarlanmaýan ýagdaýlary;

maýa goýumçynyň ahyrky ýa-da aralyk düýp kärhanasy maliýe hasabatlylygynyň halkara ýa-da milli standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýän jebisleşdirilen maliýe hasabatlylygyny açyk elýeterli görnüşde çykarmagy.

7. Paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulyna laýyklykda maýa goýumlar ilkibaşda özüne düşýän gymmaty boýunça ykrar edilýär, olaryň balans gymmaty bolsa, maýa goýumyň alnan senesinden soň maýa goýum obýektiniň peýdasynda ýa-da ýitgisinde maýa goýumçynyň ykrar edilen paýyna görä köpelýär ýa-da azalýar. Maýa goýum obýektiniň peýdasynda ýa-da ýitgisinde maýa goýumça degişli bolan paý maýa goýumçynyň peýdasynda ýa-da ýitgisinde ykrar edilýär. Maýa goýum obýektinden alnan girdeji maýa goýumyň balans gymmatyny azaldýar. Maýa goýum obýektiniň öz maýasyndaky üýtgetmeleriň netijesinde

maýa goýumçynyň maýa goýum obýektinde deň ölçegli gatnaşma paýynda ýüze çykýan, onuň jemi peýda barada hasabatyna goşulmadyk üýtgetmeleri görkezmek üçin balans gymmatyna düzediş girizmek zerurlygy ýüze çykyp biler. Şeýle üýtgetmeler esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň netijesinde, şeýle hem daşary ýurt puly gaýtadan hasaplananda tapawut peýda bolanda ýüze çykýan üýtgetmeleri öz içine alýar. Maýa goýumçynyň bu görkezijileriň üýtgemegindäki paýy gönüden-göni maýa goýumçynyň maýasynda ykrar edilýär.

8. Alnan gelip gowuşmalaryň esasynda girdejini ykrar etmek assosirlenen kärhana maýa goýmak boýunça maýa goýumçynyň gazanan girdejisiniň möçberine laýyk gelmän biler, sebäbi, alnan girdejiniň assosirlenen kärhananyň işiniň netijelerine az derejede bagly bolmagy mümkindir. Maýa goýumçynyň assosirlenen kärhana düýpli täsir edýändigi sebäpli, ol onuň işiniň netijelerine, diýmek, maýa goýumlarynyň düşewüntli bolmagyna gyzyklanýar. Maýa goýumçy bu gyzyklanmany hasaba alyşda özüniň berýän maliýe hasabatlylygyna şunuň ýaly assosirlenen kärhananyň peýdalaryndaky we ýitgilerindäki öz paýyny görkezmek ýoly bilen beýan edýär. Netijede paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usuly maýa goýumçynyň arassa aktiwleri we arassa peýdasy ýa-da ýitgisi barada has giňişleýin hasabatda bolmagyny üpjün edýär.

9. Ozal ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen, assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň maýa goýum hökmünde ykrar etmegiň ölçeglerini kanagatlandyrmagy bes eden wagtynda ol onuň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen senesinden başlap paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmak bilen hasaba alynmaga degişlidir. Şunuň ýaly gatnaşma paýynyň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen pursatyndan soňky döwürleriň maliýe hasabatlylygyna hem degişli derejede düzediş girizilmelidir.

10. Maýa goýumçy paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulyndan peýdalanmagy özüniň assosirlenen kärhanadaky degerli täsirini ýitiren senesinden başlap bes etmäge we assosirlenen kärhananyň golçur kärhana ýa-da bilelikdäki iş derejesini almaýan şertinde, şol seneden başlap maýa goýumlaryny "Maliýe gurallary" MHMS-na laýyklykda hasaba almaga borçlydyr. Şunda assosirlenen gatnaşyklaryň bes edilen senesindäki ýagdaýa görä balans gymmatyna ilkibaşda maliýe aktiwi hökmünde baha berlen mahalynda özüne düşýän gymmaty hökmünde seredilmelidir.

11. Assosirlenen kärhanadaky toparlaryň paýy düýp kärhananyň we onuň golçur kärhanalarynyň bu assosirlenen kärhana gatnaşma möçberlerine deňdir. Toparyň düzümindäki beýleki assosirlenen kärhanalaryň ýa-da bilelikdäki işiň eýeçilik paýy şu maksatlarda göz öňünde tutulmaýar. Haçan-da, assosirlenen kärhanada golçur, assosirlenen kärhanalar bar bolanda ýa-da olar bilelikdäki işe gatnaşanlarynda, paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usuly peýdalanylanda, bitewi hasaba alyş syýasatyny alyp barmak üçin zerur bolan islendik düzedişlerden soň jebisleşdirilen maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen ululyklar peýdalar ýa-da ýitgiler we arassa aktiwler hökmünde kabul edilýär (özüniň assosirlenen kärhanalarynyň ýa-da bilelikdäki işiniň peýdalaryndaky ýa-da ýitgilerindäki we arassa aktiwlerindäki assosirlenen kärhana degişli paýy goşmak bilen).

12. Maýa goýumçy (onuň jebisleşdirilen golçur kärhanalaryny goşup) bilen assosirlenen kärhananyň arasyndaky "aşakdan ýokaryk" we "ýokardan aşak" amallarynyň netijesinde ýüze çykýan peýdalar we ýitgiler maýa goýumçynyň maliýe hasabatlylygynda diňe maýa goýumçynyň bu assosirlenen kärhanadaky gatnaşma paýyna degişli bolan pul möçberinde ykrar edilýär. Aktiwleriň assosirlenen kärhanadan maýa goýumça ýerlenmegi "aşakdan ýokaryk" amalynyň mysaly bolup durýar. Aktiwleriň maýa goýumçydan assosirlenen kärhana ýerlenmegi bolsa "ýokardan aşak" amalynyň mysaly bolup durýar. Maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň şu amallaryň netijesinde ýüze çykan peýdalaryndaky we ýitgilerindäki paýy aýrylýar.

13. Assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlary, onuň assosirlenen kärhana öwrülen senesinden başlap, paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmak bilen hasaba alynýar. Maýa goýumy edinilenden soň bu maýa goýumynyň gymmaty bilen maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň tapawutlandyrylýan aktiwlerindäki we borçnamalaryndaky arassa adalatly gymmatyndaky paýynyň arasyndaky islendik tapawut "Kärhanalary birleşdirmek" MHMS-na laýyklykda hasaba alynýar. Degişlilikde: assosirlenen kärhana degişli gudwil maýa goýumynyň balans gymmatyna goşulýar. Emma, bu gudwilden ulanyş tutumyny almak gadagandyr we şonuň üçin maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň peýdalaryndaky ýa-da ýitgilerindäki paýynyň kesgitlemesine goşulýar.

14. Maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň tapawutlandyrylýan aktiwlerindäki we borçnamalaryndaky arassa adalatly gymmatyndaky paýynyň maýa goýumlarynyň gymmatyndan artyk gelýän islendik möçberi maýa goýumynyň balans gymmatyndan aýrylýar we bu maýa goýumynyň satyn alnan döwründe assosirlenen kärhananyň peýdasynda ýa-da ýitgisinde maýa goýumçynyň paýynyň hasaplamasyna girdeji hökmünde goşulýar. Şunuň bilen bir hatarda, mysal üçin, ulanyş tutumy alynýan aktiwleriň ulanyş tutumyny hasaba almak maksady bilen, satyn alnan senesindäki adalatly gymmatyndan ugur alnyp, maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň peýdalaryndaky ýa-da ýitgilerindäki paýyna degişli düzedişleri girizmek geçirilýär. Edil şonuň ýaly, maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň peýdalaryndaky we ýitgilerindäki paýyna şu kärhana tarapyndan ykrar edilen gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgileriň möçberinde, şol gudwil ýa-da esasy serişdeler babatynda, degişli düzedişleri girizmek geçirilýär.

15. Paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usuly peýdalanylanda maýa goýumçy assosirlenen kärhananyň iň soňky maliýe hasabatlylygyny peýdalanýar. Maýa goýumçynyň hem-de assosirlenen kärhananyň hasabat seneleriniň laýyk gelmeýän halatynda assosirlenen kärhana maýa goýumçy üçin ýörite, maýa goýumçynyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä maliýe hasabatlylygyny taýýarlaýar, ony iş ýüzünde amala aşyrmagyň mümkin däl ýagdaýlary muňa girmeýär.

16. Assosirlenen kärhananyň paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usuly peýdalanylan maliýe hasabatlylygy maýa goýumçynyň hasabat senesinden tapawutlanýan hasabat senesindäki ýagdaýa görä düzülen mahalynda, şol sene bilen maýa goýumçy tarapyndan maliýe hasabatlylygynyň düzülen senesiniň arasynda bolup geçen möhüm amallaryň ýa-da wakalaryň täsirini hasaba almak

üçin düzediş girizmegi geçirmek zerurdyr. Islendik ýagdaýda, assosirlenen kärhana bilen maýa goýumçynyň hasabat seneleriniň arasyndaky tapawut üç aýdan köp bolmaly däldir. Hasabat döwürleriniň dowamlylygy we hasabat seneleriniň arasyndaky islendik tapawut ol döwürden bu döwre birmeňzeş bolmalydyr.

17. Maýa goýumçynyň maliýe hasabatlylygy meňzeş şertlerde bolup geçen meňzeş amallar we wakalar üçin ýeke-täk hasaba alyş syýasatyny ulanmagyň esasynda düzülmelidir.

18. Eger assosirlenen kärhana meňzeş ýagdaýlarda bolup geçen meňzeş amallar we wakalar babatynda maýa goýumçynyň hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanýan hasaba alyş syýasatyny ulanýan bolsa, onda paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş syýasatyny ulanmak üçin onuň maliýe hasabatlylygy peýdalanylanda assosirlenen kärhananyň hasaba alyş syýasatynyň maýa goýumçynyň hasaba alyş syýasatyna laýyk gelmegini üpjün eder ýaly düzediş girizmek zerurdyr.

19. Eger assosirlenen kärhananyň ýitgilerinde maýa goýumçynyň paýy onuň gatnaşma paýyna deň ýa-da ýokary bolsa, maýa goýumçy geljekki ýitgilerde öz paýyny ykrar etmegi bes etmelidir. Assosirlenen kärhana gatnaşma paýy bu assosirlenen kärhana goýulýan maýa goýumlarynyň paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulynyň kömegi bilen hasaplanan balans gymmatyna deň bolsa, olar islendik uzak möhletli gatnaşma paýy bilen bir hatarda, hakykatdan, maýa goýumçynyň assosirlenen kärhana goýan arassa maýa goýumynyň bir bölegi bolup durýarlar.

20. Maýa goýumçynyň paýy nola çenli peselenden soň, goşmaça ýitgiler diňe maýa goýumçynyň hukuk borçnamalaryny we öz üstüne ýüklenen borçnamalary kabul eden ýa-da assosirlenen kärhananyň adyndan tölegleri amala aşyran derejesinde üpjün edilýär we borçnamalar ykrar edilýär. Eger soňundan assosirlenen kärhana peýdany yglan etse, onda maýa goýumçy diňe özüniň peýdadaky paýy ykrar edilmedik ýitgileriň paýy bilen deňleşenden soň, bu peýdadaky öz paýyny ykrar etmegi täzeden ýola goýýar.

## GYMMATYŇ GAÇMAGY

21. Assosirlenen kärhananyň ýitgilerini ykrar etmegi goşmak bilen, paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usuly ulanylandan soň maýa goýumçy maýa goýumçynyň bu assosirlenen kärhana goýan arassa maýa goýumy boýunça gymmaty gaçmakdan çekilen islendik goşmaça ýitgini ykrar etmegiň zerurlygyny kesgitlemelidir.

22. Assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň balans gymmatyna goşulan gudwil aýratyn ykrar edilmeýär, ol gymmaty gaçmak babatynda aýratynlykda synag edilmeýär. Onuň ýerine maýa goýumynyň balans gymmaty tutuşlygyna, "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" MHMS-na laýyklykda onuň öwezi dolunýan gymmatyny (peýdalanyş gymmatynyň we ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen adalatly gymmatyň iň ýokary ähmiýetini) onuň balans gymmaty bilen deňeşdirmek ýoly bilen gymmaty gaçmak babatynda synag edilýär.

23. Assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň öwezi dolunýan gymmatyna her bir aýratyn assosirlenen kärhana boýunça baha berilýär, bu aýratyn assosirlenen kärhananyň peýdalanmagy dowam etdirmekden kärhananyň beýleki aktiwleri tarapyndan emele getirilýän pul serişdeleriniň akymlaryndan esli derejede garaşsyz bolup biljek pul serişdeleriniň akymlaryny emele getirmeýän ýagdaýlary muňa girmeýär.

## MAGLUMATY AÇMAK

24. Şu maglumatlar açylmaga degişlidir:

a) olar üçin bahalaryň açyk kesilen nyrhy bolan assosirlenen kärhanalara goýlan maýa goýumlarynyň adalatly gymmaty;

b) aktiwleriň, borçnamalaryň, girdejileriň we peýdalaryň ýa-da ýitgileriň umumy pul möçberini goşmak bilen, assosirlenen kärhanalaryň umumylaşdyrylan maliýe hasabatlylygy;

ç) maýa goýumçynyň degerli täsiriniň ýokdugynyň prezumpsiýasynyň bozulmagynyň sebäpleri, eger maýa goýumçy göni ýa-da golçur kärhananyň üsti bilen gytaklaýyn maýa goýum obýektiniň ses bermek boýunça hereket edýän ýa-da mümkin bolan hukuklarynyň 20 ýa-da ondan az göterimine eýelik edýän, ýöne özüniň degerli täsiri bar hasap edýän bolsa;

d) maýa goýumçynyň degerli täsiriniň ýokdugynyň prezumpsiýasynyň bozulmagynyň sebäpleri, eger maýa goýumçy göni ýa-da golçur kärhananyň üsti bilen gytaklaýyn maýa goýum obýektiniň ses bermek boýunça hereket edýän ýa-da mümkin bolan hukuklarynyň 20 ýa-da ondan köp göterimine eýelik edýän, ýöne özüniň degerli täsiri ýok diýip hasap edýän bolsa;

e) şunuň ýaly hasabatlylygyň paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usuly ulanylanda peýdalanylýan ýagdaýynda we maýa goýumçynyň hasabat senesinden we hasabat döwründen tapawutlanýan senesinde ýa-da döwründe düzülen bolsa, assosirlenen kärhananyň maliýe hasabatlylygynyň düzülen senesini we beýleki hasabat senesiniň we beýleki hasabat döwrüniň peýdalanylmagynyň sebäbini;

ä) assosirlenen kärhanalaryň pul diwidendleri, karzy gaýtarmak ýa-da hakujylar görnüşinde maýa goýumça serişdeleri geçirmek boýunça mümkinçilikleriniň islendik çäklendirmeleriniň häsiýeti we derejesi (mysal üçin, karz-nesýe ylalaşyklary ýa-da dolandyryş talaplary netijesinde);

f) eger maýa goýumçy assosirlenen kärhanalaryň ýitgilerindäki öz paýyny ykrar etmegi bes eden bolsa, assosirlenen kärhanalaryň ýitgileriniň şol döwürde ykrar edilmedik paýy hem-de toplanan paý;

g) assosirlenen kärhananyň paýly gatnaşmak usuly boýunça hasaba alyşda görkezilmedik halaty.

25. Assosirlenen kärhanalara goýlan, paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmak bilen hasaba alynýan maýa goýumlary uzak möhletli aktiwler hökmünde topara bölünmäge degişlidir. Maýa goýumçynyň şunuň ýaly assosirlenen kärhanalaryň peýdalaryndaky ýa-da ýitgilerindäki paýy we bu maýa goýumlarynyň balans gymmaty aýratynlykda açylmalydyr.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

26. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 28 „Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar“ (IAS 2009) laýyklykda işlenip düzüldi, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

töwekgelçilikli maýasy, özara gaznalary, paýly maýa goýum gaznalary, maýa goýum ätiýaçlandyryş gaznalary we şoňa meňzeş kärhanalary bolan kärhanalar babatyndaky düzgünler aýryldy;

peýdalanma gymmatynyň esasynda soňundan baha bermek baradaky düzgünler aýryldy (garaşylýan pul gelip gowuşmalarynyň diskontirlenen gymmaty);

ýokarda görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.